# Anal seks harammy?

Category: Kitapcy,Medisina
написано kitapcy | 22 января, 2025
Anal seks harammy? ANAL SEKS HARAMMY?




Zenanyñ artbujagyndan (yzyndan) ýanaşyp edilen bu jynsy gatnaşyk lukmanlar tarapyndan delilleri bilen bile ýaramaz netijelere getirjekdigi subut edilen zat. Munuñ zenana berýän zyýanlary diýseñ uludyr. Birinji zyýany – zenan bular ýaly jynsy gatnaşykda erbet yza çekýär. Biziñ Kurandanam bilşimiz ýaly, aýbaşy döwri zenanlar ýaramaýandygy üçin jynsy gatnaşykda bolmak gadagan edilýär. Ýagny, Allatagala bu babatda zenanyñ boljak birahatlygyny fiziki taýdanam bolsa, ruhy taýdanam bolsa, tapawudy ýok, zenany goragyna alypdyr. Ýagdaý şeýle bolansoñ, Kuran biz erkeklere bu işde nähili hereket etmelidigimizi düşündirýär: Erkege öz keýpiñ üçin aýal zyýan berme diýýär. Ýakyn gatnaşykda aýala fiziki taýdan agyry-yza berjek hereketleri etmeli däl. Çünki aýbaşyly aýal jynsy gatnaşyga girende ýarawsyzlygy beter artýar. Şeýle bolmaýanam bar bolmagy mümkin, emma onuñam jynsy agzalary mikrop gapmaga mümkinçilik berýändigi üçin, aýala fiziki taýdan zyýan berildigi bolýar. Anal seks tutuşlygyna alanda aýal-gyzlara fiziki taýdan zyýan berýär. Aýal berýän ikinji zyýany bolsa: aýalyñ artbujagynyñ bogunlaryny üýtgedýär, ownuk damarlaryny üzýär we şeýdibem gelejekde aýal uly täretini saklap bilmän başlaýar. Beýtmek, aýalyñ organyny bozmakdyr. «Bakara» süresiniñ 222-nji aýatynda eger aýalyñyz meýil etmese oña ýanaşmañ diýen Kuran aýala şular ýaly zyýan ýetirýän gatnaşygy oñlar öýdýärsiñizmi? Elbetde, ýok. Anal seks samsyklykdyr, barypýatan azgynlykdyr, haýwanlaşmakdyr. Bu

bolgusyzlygyñ şular ýaly giñden ýaýramagynyñ iki dürli sebäbi bar: Birinjisi, çak edişiñiz ýaly pornoindustriýa. Boýdan başa ýalan zatlar. Siziñ gözüñizi boýaýarlar. Dünýäniñ bäri başynda şeýle pornofilmlere açgözlük bilen tomaşa edýän jahyl-düşünjesiz erkekler Günbatar zenanlary muña rugsat berýändir öýdýärler. Akylly-başly aýal muña hijem rugsat bermeýär. Amerikada ýaşaýan aýal-gyzlaram rugsat berenok. Emma pornoindustriýa amerikan zenany muny oñyn garşylaýar diýen pikiri döredýär.
Akylly boluñ, eý musulmanlar! Anal seksiñ geregi ýok. Aýalyñyzyñ yza çekýän gatnaşygynda siz keýp alýan bolsañyz, eglenmän lukmana görnüñ. Çünki siz näsagsyñyz. Pornofilmler bu gödek we bagyşlap bolmajak ýalñyşlygy size dogry we lezzet beriji edip görkezýär. Pornofilmde munuñ aýala ýaraýandygyny gören jahyl erkeklerimiziñ añy soñabaka muny bolaýmaly zat ýaly kabul edýär. Kellesi gowy işlemeýän erkek aldanýandygyna düşünenok. Soñabaka ol bu samsyklaç meýline yrza bolmadyk aýalyndan kemçilik gözläp başlaýar. Çünki onuñ tomaşa eden pornofilmindäki aýal anal seksi keýpihonlyk bilen ýerine ýetirýärdi. O samsyk erkek şol aýalyñ şeýle ýasama keýp epizodyny görkezmek üçin on müñlerçe dollar alýandygyna düşünenok.
Anal seks «Bakara» süresiniñ 222-nji aýatyna gönüden-göni ters gelýän gatnaşykdyr. Aýal-gyza fiziki yza çekdirmek arkaly edilýän jynsy gatnaşygyñ islendigi ýalñyşdyr. Muña samsyklaç porno pudagyñ gamçylama, dañyp ýanaşma ýaly bolar-bolgusyz hereketleri-de degişli. Lezzet almak üçin bu azgynlykly formalary etmegiñ geregi ýok. Pornoindustriýa kapitalist sistemanyñ iñ hapa ýüzüdir. Ol size elini dañmak, gamçylamak… ýaly samsyklaç hereketlere höweslendirýär, soñam sizi şol manysyz zatlara pul harçlar ýaly edýär.
Anal seksiñ giñden ýaýramagynyñ ikinji sebäbi-de gyzlyk perdesini deşdirmegiñ gorkusy. Gynansak-da, käbir ýaş gyzlar liseýde ýa-da ýokary okuw jaýlarynda okap ýörkä, oglan tanşy bilen jynsy gatnaşyga girýär. Ol gyzlyk perdesini deşdirmejek bolup, ýagny, gelejekki ärimiñ we jemgyýetiñ öñünde ýüzügara bolaýmaýyn gorkusy bilen anal seks teklibini kabul edýär. Ýaş gyzlarymyzyñ arasynda şu mesele boýunça hökmany suratda wagyz-nesihat işlerini geçirmeli. Olar oglanlaryñ bu islegine göni «ýok!» diýmegi başarmalydyrlar.
Fehmi UÝAR. Medisina